# Dünýä edebiýatynyň meşhur alty zenan ýazyjysy

Category: Edebiýat täzelikleri,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dünýä edebiýatynyň meşhur alty zenan ýazyjysy

DÜNÝÄ EDEBIÝATYNYŇ MEŞHUR ALTY ZENAN ÝAZYJYSY

Çeper edebiýat diýlende, ilki bilen aklymyza erkek ýazyjylar gelýär. Ýöne her näme-de bolsa dünýä edebiýatynyň altyn hazynasyna gymmatly eserler beren zenan ýazyjylaryňam barlygyny inkär edip bolmaz. Olaryň käbiriniň eserleri kinofilme öwrülip dünýäni gezýär, käbirinki bolsa ýokary okuw jaýlarynda ýörite öwrenilýär. Dünýä edebiýatyna ölmez-ýitmez eser beren zenan ýazyjylaryň käbiri jemgyýetçilik problemalaryndan, käbiri öz içki ruhy dünýäsinden, käbiri bolsa syrly dünýälerden söhbet açýarlar.

Olaryň suratlandyrýan dünýäleri ýa-ha kinofilm bolup göz öňümizde janlanýar, ýa-da okyjylar tarapyndan kitap sahypalarynyň gatyndan yzygiderli okalýar. Ynha, dünýä edebiýatynyň meşhurlyk gazanan käbir zenan şahyrlary we ýazyjylary:

▶ WIRJINIÝA WULF

Angliýada doglan Wirjiniýa Wulf ýazan romanlary bilen feminist akyma klassyky eserler berip, şol bir wagtyň özünde maglumat alyp-beriş serişdesiniň ýaýramagyna uly goşant goşupdyr. Ol ýazyjy kakasynyň kitaphanasynda özüni kämilleşdirip, gazetde çap edilen gysga hekaýalary bilen döredijilik dünýäsine ymykly gadam basdy.
Leonard Wulfa äre çykmagy Wirjiniýa Wulf üçin öwrülişik sepgidi bolupdyr. Sebäbi Leonard aýaly üçin ýörite çaphana gurýar we Wirjiniýanyň kitaplary neşir edilip köpçülige ýetirilýär. Iň soňky "Arakesme" («Между актами» / "Between the

Acts") romanyny ýazyp ýörkä özüni we döredijilik ukybyny ýaramaz duýup başlaýar. Şeýle-de Ikinji jahan urşunyň ýakynlaşyp gelýän galagoply wakalarynyň berýän howsalasyna özüni aldyran Wirjiniýa Wulf 1941-nji ýylyň 28-nji martynda eşiginiň kiselerini daşdan dolduryp Uz derýasyna özüni oklap, janyna kast edipdir.

▶ AGATA KRISTI

Detektiw roman diýlende ilki bilen ýada düşjekleriň biri-de Agata Kristidir. Döreden obrazlary we sýužetleri bilen diýseň halanýan Kristiniň kitaplary Angliýada Şekspirden we "Injilden" soň iň köp satylýan kitaplaryň hataryna girmegi başardy. Meri Wesmakott edebi lakamy bilen söýgi temasyndaky romanlary ýazan Kristiniň döreden Miss Marpl, Erkýul Puaro ýaly çeper gahrymanlary dünýä detektiw edebiýatynyň taryhyna hemişelik girdi.
Hemişe diýen ýaly açmasy kyn syrly jenaýatlary gürrüň berýän Kristiniň hemmelere mälim bir aýratynlygy bar.
Ol 1926-njy ýylda birdenkä ýitirim bolýar we on bir gije-gündizläp hiç kim tapmaýar. Ony bir kölüň kenarynda we eşikleri dagap ýatan ýagdaýda tapýarlar. Käbirleriniň pikiriçe onuň aklynda gidip-gelmeler bolupdyr, käbirleri bolsa adamsynyň oýnaşyny öldürjek bolup ýitirim bolandygyny aýdýarlar.

▶ URSULA KRÝOBER LE GUIN

Üstümizdäki ýylyň ýanwarynda segsen sekiz ýaşynda aradan çykan amerikan ýazyjysy Ursula Krýober Le Guin ylmy-fantastika we fentezi žanrynyň iň görnükli wekillerindendir. 1960-njy ýyllarda edebiýata gadam basdy. Eserlerinde taoizmiň we grek mifologiýasynyň täsirlerini açyk duýmak bolýar. "Tümlügiň çep eli" atly kitaby arkaly Nebula we Gýugo adyndaky edebi baýraklara mynasyp bolan ýazyjynyň okyjy gatlagy beýleki ýazyjylardan kän öňde barýar.

▶ ŽOAN K. ROULING

"Garri Potter" romanlar tapgyryny eşitmän, bilmän galan ýok bolsa gerek. Žantastika žanrynda özüni görkezmegi başaran Rouling bu kitabyň kinofilmleşdirilmegi bilen-ä, hasam meşhurlygyna meşhurlyk goşdy. Adaty poezd ýolagçylygynda ýazylyp başlanan "Garri Potteriň" şular ýaly meşhurlyk gazanjagyny, megerem, awtoryň adyny "J.K." görnüşinde görkezen neşirýatyň hojaýyny bilenem däl bolsa gerek. Çünki neşirýatyň başlygynyň pikirine görä, awtorynyň zenan bolmagy kitabyň şowsuz garşylanmagyna sebäp bolup bilerdi. Ýöne çak edilenden başgaça bolup çykdy.
Ýazyjynyň iň soňky ýazan "Boş kürsi" romany hernäçe "Garri Potter" ýaly seslenme döretmese-de, Roulingiň muşdaklary "Boş kürsini" satyş reýtinginde şowsuzlyga uçratmady.

▶ SILWIA PLAT

Silwiýa Plat ýokarky agzalanlar ýaly ýazyjy däl, ol – şahyr. Konfessional şygyrlaryň iň gowy nusgalaryny beren Plat ilkinji goşgusyny sekiz ýaşynda ýazypdyr. Durmuşynyň her öwresinde ýokary derejedäki ruhy näsazlyklary başdan geçiren Silwiýa Kembriž uniwerstitetinde-de işläpdir. Plat bu ýerde Ted Gýugs bilen tanyşýar we oňa durmuşa çykyp, Bostona göçýär. "Syrça panus" onuň başdan geçiren ruhy depressiýasy hakynda maglumat berýän eserleriň biridir.

▶ STEFANI MAÝER

Ýazan kitaplarynyň ählisi diýen ýaly kinofilmleşdirilýän zenan ýazyjylaryň biri-de Stefani Maýerdir. "Alagaraňkylyk" romanlar tapgyry bilen 2008-nji ýylda "Ýylyň ýazyjysy" diýip yglan edildi. Şeýle-de bu görmegeý ýazyjynyň "Göçegçi" atly ylmy-fantastiki romany-da bar.

Taýýarlan: Kitapçylar.

Edebiýat täzelikleri